# Iki jahan zyndan ise, gerek maňa bossan ola…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Iki jahan zyndan ise, gerek maňa bossan ola…



Iki jahan zyndan ise, gerek maňa bossan ola,
Aýruk maňa ne gam-gussa, çün anaýat dostdan ola.
Baram, ol dosta gul olam, her dem açylam gül olam,

Hem ötüp bilbil olam, duragym gülüstan ola.

Dost ýüzüni gördi gözüm, erenlere toprak ýüzüm,
Söz aňlaýana bu sözüm, gerek, şekeristan ola.

Her dagwydan geçen kişi, dostdan ýana uçan kişi,
Yşk şerbetin içen kişi, gäh esrik, gäh mestan ola.

Sensiz iki jahan meniň zyndan görüner gözüme,
Seniň yşkyňla bilişen gerek hasul-hasdan ola.

Yşyka doýmadym özüm, kössüzin söýlärin sözüm,
Ýunus, seniň uşbu sözüň, älemlere destan ola Goşgular